USAID
AMERIKANYŇ HALKYNYŇ ADYNDAN




FOTOSURAT: GALIÝA DANIÝAROWA USAID ÜÇIN

# USAID-YŇ “MERKEZI AZIÝANYŇ ENERGETIKASY” TASLAMASY

Merkezi Aziýa (MA) energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň baý gorlaryna, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ähmiýetli mümkinçiliklere, şeýle-de energetika ulgamynda sebitleýin hyzmatdaşlygyň giňeldilmeginiň giň esaslaryna eýedir. USAID-yň “Merkezi Aziýanyň Energetikasy” taslamasy Merkezi Aziýanyň bäş sany ýurduna – Gazagystana, Gyrgyz Respublikasyna, Täjigistana, Türkmenistana we Özbegistana olaryň energiýa howpsuzlygy ulgamyndaky milli we sebitleýin ileri tutmalarynyň gazanylmagyna, şeýle-de elektrik energiýasynyň sebit söwdasyndan ykdysady peýdalaryň alynmagyna ýardam edýär. Taslama üç sany esasy wezipäniň çözülmeginde energetika ulgamynda milli hökümetler we esasy gyzyklanma bildirýän taraplar bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk edýär:

| MILLI BAZARYŇ LIBERALLAŞDYRYŞ ÖZGERTMELERI | ARASSA ENERGIÝA | ELEKTRIK ENERGIÝANYŇ SEBITLEÝIN BAZARY |
|---|---|---|
| USAID-yň “Merkezi Aziýanyň Energetikasy” taslamasy Merkezi Aziýa ýurtlaryna **milli energetika strategiýalarynyň** täzelenmeginde we hukuk, institusional, kadalaşdyryjy hem-de tehniki bazalary bilen birlikde bazaryň optimal dizaýnynyň işlenilip düzülmeginde goldaw berýär. USAID şeýle-de kärhanalaryň döwrebaplaşdyrylmagyna we kiberhowpsuzlygyna ýardam etmek bilen harajatlary görkezmegiň nazarda tutulmagynda nyrh emele getirilmeginiň usulyýetiniň hem üstünde işleýär. | USAID-yň “Merkezi Aziýanyň Energetikasy” taslamasy strategiýalary işläp düzmek we energetiki meýilnamalaşdyrma arassa energiýanyň we energonetijeliliginiň integrirlenmegi boýunça kömek bermek arkaly Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hökümetleriniň sebitde **arassa we gaýtadan dikeldilýän energiýanyň göwrüminiň giňeldilmegi** boýunça tagallalaryny goldaýar. USAID hususy pudagyň maýalaryny arassa we gaýtadan dikeldilýän energiýa çekýär. | Taslama elektrik energiýanyň serhetüsti söwdasyny hem-de generirleýji we geçiriji ulgamlara açyk giriş ygtyýarlygy üpjün etmek arkaly **energetika ulgamyndaky sebitleýin hyzmatdaşlygyň** USAID tarapyndan uzakmöhletleýin goldaw berilmegine esaslanýar. USAID-yň “Merkezi Aziýanyň Energetikasy” taslamasy şeýle-de tehniki we bazar esaslaryny sazlaşdyrmak arkaly elektrik energiýasynyň sebitleýin bazarynyň modeliniň işlenip düzülmeginiň üstünde hem işleri alyp barýar. |

**GAZAGYSTAN.** USAID täze tehnologiýalaryň we iň gowy halkara tejribeleriň ulanylyp başlanmagyna ýardam berýär. Mysal üçin, teklip edilen akylly elektrik hasaplaýjy ulgamy **182055 sany sarp edijileriň** elektrik üpjünçiliginiň hilini gowulamaga ýardam eder. GDEÇ auksionlarynyň goldanylmagy ýel energiýasynyň **1 kWt/sag.** üçin bahanyň rekord **2,6 sent** peselmegine getirdi, bu bolsa sebitde iň pes bahalaryň biridir. Işläp düzüjiler täze taslamalara **$2,24 mlrd** hususy maýa goýumlary çekdiler, zyňyldy gazlaryň içinde gelejekde çaklanylýan $CO_2$ derejesi bolsa 2030-njy ýyla **60,28 million tonna** azalar ýa-da öňi alynar.

**GYRGYZ RESPUBLIKASY.** USAID Energetika Ministrligi bilen energetika ulgamynda özgertmeleri geçirmek we ýurdy arassa energiýa geçirmeklige ýardam bermeklik üçin hyzmatdaşlygy guraýar. Bu, GDEÇ ulgam integrasiýasynyň kynçylyklaryny seljermegi, täze taslamalar üçin iň oňat ýerleri saýlamagy, **energiýa satyn almak şertnamalaryny** ösdürmegi we ownuk elektrik önümçiliginiň artykmaçlyklaryny görkezjek **üçekde gün panellerini** gurnamak ýaly kiçi göwrümli taslamalary synagdan geçirmegi öz içine alýar. USAID ministrlige Gender Geňeşini döretmekde, Ministirlik we Sazlaýjy gurama sarp edijiler üçin hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga we öz işjeňliginiň aýdyňlygyny ýokarlandyrmak üçin **iki sany web platformany işläp düzmekligi** goldady.

**TÄJIGISTAN.** USAID Täjigistana energoulgamy modelirlemege, ýitgileri azaltmaga, energetika kompaniýalaryň ownadylmagyna we aksionerlenmegine, GDEÇ bäsleşikli satyn alynmagyny öňe sürmeklige, şeýle hem energiýanyň saklanyş ulgamly awtonom GDEÇ taslamalarynyň işläp düzülmegine we amala aşyrylmagyna ýardam berýär. USAID bilen Energetika we suw hojalyk ministrligi Täjigistanyň energetika bazarynyň durkuny täzelemek maksady bilen energetika ulgamy üçin **Iş Meýilnamasyny** işläp düzmeklik barada ylalaşdylar.

**TÜRKMENISTAN.** USAID gaýtadan dikeldilýän energiýa taslamalary üçin mümkinçilikleri kesgitlemäge kömek edýär, energetika pudagy üçin **uglerod zyňyldylaryny azaltmak boýunça toplumlaýyn we hemmetaraplaýyn strategiýanyň** işlenip düzülmegini goldaýar, şeýle-de nebit-gaz pudagynda metanyň zyňyndylarynyň azalmagyna ýardam edýär. Taslama, hökümet bilen bilelikde, mümkinçilikleri we elektrik energiýasynyň serhetaşa söwdasyny, hem-de goşmaça hyzmatlary giňeltmekligine uly üns berýär.

**ÖZBEGISTAN.** USAID energetika bazaryň täze umumy sazlaýjy guramasyna we täze elektroenergetika bazaryna elektrik energiýasynyň paýlanyşy boýunça täze taslamalaryň başlangyçlaryny amala aşyrmaklygyň üsti bilen (şol sanda üçeklerde gün panellerini oturtmak) energetika sektorynyň korporatiw dolandyrylyşyny gowulandyrmaga, GDEÇ-ni we GDEÇ-niň ulgama integrasiýasynyň çaklamasyny goldamaklyga, şeýle hem uglerod zyňyldylaryny azaltmak maksatlaryna ýetmek we goşmaça hyzmatlaryň üsti bilen serhetaşa söwdasyna ýardam bermekligiň üsti bilen hazirkizaman wodorod tehnologiýalaryny öwrenmeklige goldaw berýär. Taslama şeýle hem **GDEÇ maýa goýumdarlary üçin Gid** işläp düzmekligi goldady.

**SEBIT.** USAID elektrik energiýasynyň sebitleýin we serhetaşa söwdasyny goldaýar. USAID energetika sektorynyň 300 sany agzalarynyň gatnaşmagynda **Arassa Energiýanyň Sebitleýin Forumyny** işe girizdi. USAID şeýle hem, Merkezi Aziýa üçin Amerikan Innowasion Merkezini işe girizmek hem-de **ýaşyl wodorod** boýunça täze okuw programmasyny düzmeklige we sebitleýin SCADA ulgamy üçin döwrebap wideodiwaryny satyn almak üçin General Elektric Digital kompaniýasyny çekmeklige goldaw bermek üçin Daşkendiň Döwlet tehniki uniwersiteti bilen Delawer Uniwersitetiniň arasyndaky gatnaşygy sazlamak arkaly ýerli institutlara goldaw berýär.

## NETIJELER

**25 SANY RESMINAMA TEKLIP EDILIP. OLARYŇ 9 SANYSY HÖKÜMETLER TARAPYNDAN KABUL EDILEN WE AMALA AŞYRYLAN**

**IŞLÄP DÜZÜJILER TARAPYNDAN SÖZ BERLEN $2,24 MILLIARD MAÝA**

**624 MEGAWATT ARASSA ENERGIÝA + 2883 MWt GAZDA ÖNDÜRILDI**

**11 MLN. TON $CO_2$ ATMOSFERA DÜŞMEDI**

**87 SANY INSTITUTA ÝARDAM BERLEN**

**1,688 SANY ENERGETIK OKADYLAN**

**KONTAKT**
**Patrik E. Maýer**
Energetika boýunça maslahatçy, USAID-yň Merkezi Aziýadaky sebit wekilligi, Almaty, Gazagystan
pmeyer@usaid.gov

**KROSS-SEKTORAL GOLDAW.** Okuw we gender inisiatiwalaryň üsti arkaly goldaw berýär. Ýaş hünärmenleri goldamak üçin elektroenergetika ugry boýunça Magistratura okuwynyň stipendiýalaryna maliýeleşdiriş açylan we gender deňligini hem-de sosial inklýuziýany öňe sürmek üçin **ýaşlar we aýal maşgalalar üçin Mentor(halypaçylyk) ulgamy** ýola goýulan.

**AMALA AŞYRYLYŞ MÖHLETI** Oktýabr 2020 – Sentýabr 2025

**BÝUDJET** $39 million